# Ýazyjynyñ Erem bagy -2 / dowamy

Category: Edebi makalalar,Edebiýaty öwreniş,Filosofiýa,Kitapcy,Nukdaýnazar,Oýlanmalar,Powestler,Psihologiýa,Romanlar,Sözler,Türkmen dili
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ýazyjynyñ Erem bagy -2 / dowamy ÝAZYJYNYÑ EREM BAGY

Ikinji parça

▶ 2: TOÝUN HEM HUDAÝYÑ DEMI

Akmyrat Şirowyň powestleriniň içinde «Toýundan ýaradylan oglan» powestiniň estetikasynyň dürli taraplarynda ýazyjynyň döredijiligine mahsus bolan aýratynlyklaryň birnäçesi jemlenýär.
Akmyrat haýsy ugurdan eser döretse, «bäh» diýdirmegiň hötdesinden gelýär. Powestleri diýjekmi, edebiýat hakdaky oýlanmalary, makalalary diýjekmi, miniatýuralary diýjekmi, haýsy birini alanyňda-da iner ýüki bolup dur: her ugurdan ýazan zady bir är kişini «ynha men» diýip, öňe çykaryp biljek. Bu onuň edebiýatyň ähli ugrundan «ýüňüni ýetirendigini» aňladýar.
Akmyradyň 1988-nji ýylyň 12-nji oktýabryndaky «Turkmenskaýa iskra» gazetinde çap edilen «Perspektiwa – däpleriň jemlenmegindedir» diýen göwrümli makalasy munuň mysaly bolup bilerdi. Şol ýerde ol özüne mahsus ýokary intellektuallyk hem ýokary intelligentlik bilen türkmen edebiýatynyň derwaýys meseleleri hakynda dünýä edebi prosesiniň nukdaýnazaryndan pikir öwürýär. Gepiň gerdişine görä bellemeli zat – bu ýerde Akmyradyň şahsyýetindäki dört sany esasy sypat örän şowlulyk bilen tebigy suratda ýüze çykypdy. Ine, olar:

1. Intellektuallyk.
2. Intelligentlik.
3. Duýgurlyk.

4. Ýokary ahlaklylyk.

1. Intellektuallyk – ösen intellekte eýe bolmak ukyby, ösen intellekt bolsa kämillik derejesine ýeten ylmy akylyň, filosofik akylyň hem logiki akylyň jemlenmesidir.
Akmyradyň paýhas ukyplarynyň näderejede ösen ekenligine, onuň sungatyň çylşyrymly meselelerinden nähili baş çykaryp bilenligine onuň edebi makalalaryny, oýlanmalaryny okanlaram, Ýa.Hudaýgulyýewiň «Akmyrat Şir» atly çaklaňja kitapçasyndaky «Gündelikden» diýen bölümi okan adamlaram oňat göz ýetirip bilerler. Intellektual ukyply adamyň iň ilkinji üýtgeşikliginiň biri – onuň dürli häsiýetli pikirleniş başarnyklaryny çakganlyk bilen geçirip bilýänliginde, onuň zatlary hem hadysalary çalt umumylaşdyryp, olaryň arasyndaky arabaglanyşyklary çalt tapyp bilýänliginde ýüze çykýar. Abstrakt pikirlenme, degşirme, netije çykarma, esasy hem ikinji, gaýry derejeli zatlary ýerbe-ýer goýaga-da, durmuşyň aýdyň keşbini bermäge, onuň röwşen geljegini dogry görkezmäge ukyplylyk durmuşda uly zat. Edil maddy faktorlar, maddy reallyklar ýaly, durmuşy hereketlendiriji güýje öwrülmek ukyby bolan paýhas gerek bize! Akmyratda şo hilli, şol görnüşli intellekt, paýhas bardy.
Akmyradyň tekrarlamagy gowy görýän bir pikirini ýatlaýaryn: «Iň oňat akyl durmuşy maksatlary yzarlaýan akyldyr». Hemişelik dogry, ortalyk akyldan, ol hatda çeýe bolaýanlygynda-da, iş ýüzünde peýda azdyr. Biziň nirede duranlygymyzy, nirä barýanlygymyzy, şol baryşda durmuşa nähililik bilen we näderejede täsir edip biljekdigimizi düşündirýän, görkezýän paýhas gerek bize. Men beýle akyly hakyky akyl diýip häsiýetlendirerdim. Türkmen edebiýatynyň geljekki onlarça ýyllyk ösüş ugruny şeýle hem, onuň dünýä edebiýatyna we jemgyýetçilik durmuşyna gatnaşygyny kesgitläp bilýän akyl Akmyratda bardy. Özüniň zerurlygy boýunça haýsydyr bir maddy gymmatlyk bile deň derejede görüljek, durmuşa – jemgyýetçilik durmuşyna, milli durmuşa, edebi durmuşa, ahlak gatnaşyklarynyň ulgamy bolan durmuşa jana-jan zerur ideýany hakyky paýhas kösene-kösene zordan tapýar. Ýöne ol ideýanyň bar güýji

anyklygyndadyr. Ol taryhy gelşigiň anyk derňewden doglan janly ideýasy bolmalydyr. Gara garny «çörek» diýen umumy abstraksiýanyň däl-de, hakyky çöregiň doýrup bilşi ýaly, emele gelen durmuş ahwalatyny-da, umuman, akyl däl-de, şol ýagdaýa laýyk hakyky ideýa halas edip biler. Şu ýerde Nobatguly Rejebowyň «Akyl» diýen goşgusyny ýadyňyza salasym gelýär:

Akyl alyň!
Sebäp ony alýan ýok.
Akylhanaň bolaýmasa seriňde,
Ony saklap bolanok,
Amanat kassanyň depderçesinde.
Alyň!
Sebäp gerek däl ol hiç kime,
Aýlanyp geçýärler onuň deňinden.
Akyl satyp ýören kändir,
Siz diňe
Alyň ony satylmaýan ýerinden.
(Ýolda ýatan pully gapjyk däldir ol,
Däldir ýaşlaň şagalaňly agşamy.
Ýeňil ýaşaýyşda derkarmy eýse
Onuň beýnä könemöwrit agramy).
Akyllam,
akmagam almaýar akyl,
Ak bazarda gara şaýy bahasy,
Gerek däl mahaly siz ony alyň,
Sebäp tapdyrmaz ol zerur mahaly.

Nähili jaýdar aýdylypdyr. Asyl-ha akyl satýan, akyl öwredýän goşgy diýmersiň, emma ol akylyň zerurlygy hakyndaky, akyl almanyň zerurlygy hakyndaky goşgy ahbetin. Emma näme üçin bu mädäňe degmeýär?! Sebäbi bu ýerde akylyň däl-de, anyk akylyň, zerur pursatlarda geregi çykýan akylyň gürrüňi edilýär.
Paradoks: akyl, umuman, durmuşda gerek zat däl, ýöne şol bir wagtda-da, zerur pursatlary bolýar, ýöne alynmaýan üçin, akyl şol pursatda-da tapdyrmaýar. Men birmahal «Kime akyl gerek?!» diýen at bilen powest ýazdym. Men ony Nobatgulynyň pikirini

gaýtalamak üçin ýazmandym. Akylyň, başarnygyň püçege çykandygy, ençeme örtenmelere şaýat bolandygym, ençeme şarpygy dadandygym üçin ýazypdym. Elbetde, bu özbaşyna gürrüň. Bu duýgurlyk döwrüniň wakalarynyň gürrüňi.
Nobatgylynyň hem, meniň hem durgunlyk ýyllarynda akyl hakda eser ýazmagymyzyň düýpli sebäpleri bardy. Akyl püçege çykypdy. Adama baha berlende akyly, pähim-paýhasy, başarnygy boýunça däl-de, başga ölçegler boýunça, arkasynda howandarynyň barlygy ýa-da ýoklugy, ýaranjaňlygy, jübüsiniň pullulygy boýunça baha berilýärdi. Onsoň muňa neneň janyň ýanmasyn? Ýazyjy, şahyr ýangynyny eser ýazyp söndürýär.
Anyk akylyň önümi bolan ideýa ösüşiň içki logikasyndan baş çykarmak arkaly, geljekki perspektiwanyň formalaryny kesgitleýär. Forma bolsa esasy zatdyr. Ýok, biz forma sözüni ýöntem, ýüzleý, daşky eşik manysynda, mazmundan üzňelikde alamzok. Forma – mazmunyň ýüze çykyş usulydyr. Aýdaly, çeper eseriň formasy – mazmunyň özboluşly, aýratyn bir usullara, ýollara görä baglanyşygydyr. Aýdaly, ösüşiň formasy – ösmeli obýektiň bölekleriniň arasyndaky özara baglanyş hilleridir. Şeýlelikde, forma göz bile görüp, el bilen tutup bolýan mazmundyr. Gepiň hulasy, Akmyrat biziň edebi perspektiwamyzyň formalaryny welilik bile öňünden gördi. Ine, Akmyradyň Ýagmyr Hudaýguly bilen dialoglaryndan bölekler:

«Akmyrat maslahatynam gaýgyrmady. Janygyp-janygyp düşündirýärdi.
– Bilýäňmi näme, Ýagmyr?! Gündogaryň gowy däplerini dowam etdirip gelýän türkmen edebiýaty rewolýusiýadan soň birden ugruny üýtgetdi. Günbataryň ýoluna düşdi. Seniňem eseriň rewolýusiýadan soňky şol däplere uýýar. Ozaly bilen, bir zada düşün, haýsy ugurdan gitsek, ilki şony özleşdirmeli. Diýmek, sen Günbatary özleşdireňok, dogrusy-ha sen Günbatar edebiýaty diýilýäne oňly düşüneňok… Şu mahal birhili Latyn Amerikasynyň ýurtlarynyň ýazyjylary bar-a, şolaryň eserleri ürç edilip okalýar, garaz, gowy görülýär. Şolaram seniň diýşiň ýaly, Günbataryň genileriniň täsirine öz milli öwüşginlerini çaýýarlar welin, ine, saňa okyjynyň elinden goýduryp bolmaýan

eseri. Iň gowy kitap».
Günbataryň genileriniň täsirine öz milli öwüşginleriňi çaýmak – nähili gowy hem jaýdar aýdylypdyr! Bu ýerde hut geljekki ösüşiň logikasy, şol ösüşiň anyk formasy bar ahyryn! Diýmek, birinji planda forma gözlegleri durýar. Milli durmuşyň mazmunyny täze formalarda beýan etmek diýmek – munuň özi şol mazmunyň forma laýyk özboluşly, öň ähmiýet berilmedik, emmaki çyn sungat nukdaýnazaryndan juda möhüm täsin taraplaryny açmak diýmek ahyryn. Şonuň üçinem bu ideýa milli mazmun bilen keseki formalaryň çatlyşygy diýen manyda düşünmeli däl. Ýok, gep durmuşa hakyky, çyn sungatyň nukdaýnazaryndan çemeleşmek, sungatyň durmuşa gatnaşygyna başgaça çemeleşmek, aslyýetinde sungaty indi döretmek hakynda barýar.
Intellektual hökmany suratda erudisiýa – okumyşlyk bilen sepleşip gidýär. Sebäbi köp okamak, beýniňi maşk etdirmek intellektiň ähli içki mümkinçiliklerini ýüze çykarmaga, olary işe girizmäge sebäp bolýar. «Akmyrat okumyş adamdy» diýsem, meniň hiç zat aýtdygym bolmaz. Islendik okyjy Akmyradyň «Şahsy gündelikden ýazgylardaky» pikirlerini okap, bu pikiriň näderejede adalatlydygyna göz ýetirip biler. Geň galýaryn, ol dirikä men onuň ýekeje setirinem okamandyryn. Ýogsam ol ýazan zatlarymy «oka» diýip ençe gezek aýdypdam, kitabyna gowy-gowy dileglerini ýazyp, sowgat hem beripdi. Onuň ýazan eserleriniň baryny ol ýogalansoň okadym. Eger şeýle genial eser ýazanlygyny bilen bolsam, men onuň eserlerini hökman okardym hem hoş sözümi aýdardym. Onuň eserlerini wagtynda näme üçin okamandygymyň sebäbine hiç düşünip bilemok. Hötjetlikmi? Nämäniň hatyrasyna? Basdaşlykmy? Bilmedim. Eserlerini okan bolsam, men oňa basdaşlyk etmezdim. Onsoňam günde-günaşa bile oturyp-turşup ýörenimizden soň üýtgeşik bir baýlygy bardyr hem öýtmändirin. Indi görüp otursam, ol E. Hemingueý, L. Tolstoý ýaly günortana çenli işläp, öýlän biziň ýanymyza dynç almak üçin geler eken. Onuň «Şu gün gowy işledim» diýen sözem maňa ynandyryjylykly eşidilmezdi. Ony iş ýagdaýynda göz öňüne getiribem bilmezdim. Ýöne özüne üns berilmegini, hoşamaý söz aýdylmagyny isleýändigini welin aňardym. Onuňam sebäbi uzak wagtlap Leningradda ýaşandygy üçindir öýderdim. Ol bitiren

işlerine hoşamaý sözüň aýdylmagyny islän eken.

Ol käte awtobusa münüp, iki sagatlap, üç sagatlap şäheriň içine gezelenç etmegi gowy görerdi. Sürüji birki aýlaw geçse-de, iki sany ýigidiň awtobusdan düşmän oturmasyna geň galyp, ýanymyza gelerdi. Ellerimizdäki üç-dört bilet-talonlary görüp, sürüji ýene öz işi bilen meşgul bolardy. Men aýlanyp ýörüşimize utanardym. «Jan dogan, janlar dogan, ýanymdan gitmesene, bileje gezelenç edeli» diýip, Akmyrat özelenip ugrardy. Üç gezek Änewden paý-pyýada Aşgabada gaýdypdyk. Ol Magtymguly şaýoluny pyýada geçmegi halardy. Öňümizden çykýan her bir adama çiňerilip-çiňerilip serederdi-de: «Ine, biziň gahrymanlarymyz. Biz bolsa, gahrymanlary potologa seredip, tapjak bolýarys» diýerdi, özi hakynda gürrüň edilýändigini aňan nätanyş bolsa tä gözden ýitýänçäň: «Bular näteňe nälet kişiler eken-aý?» diýip, yzymyzdan seredip galardy. Ýolagçylaryň biynjalyk bolýandygy Akmyradyň perwaýyna-da däldir, ol: «Hany, şu gelýän gözel gyzy ýazyjy hökmünde suratlandyr» diýer. Men owadandan-owadan sözler bilen gözel gyzyň keşbini çekip ugraýaryn. Ol meniň sähel sähinerime mähetdel, ýetip gelýän gözel gyzyň keşbini joşgun bilen «çekip» ugrar. Gözel gyz çaltrak bizden daşlaşmak bilen bolar. Akmyrat indiki gelýän kişiniň içki dünýäsi, gylyk-häsiýeti bilen gyzyklanyp ugrar. «Hany, aýt, şu gelýän kişiniň gylyk-häsiýeti nähilidir? Bu durmuşyndan razymy ýa närazy? Adamyň durmuşdan alýan lezzeti ýüzüne ýazylýar. Adamyň içki ruhy ýüz keşbinde görünýär. Bu gelýän kişini hany suratlandyryp, häsiýetlendirip ugra. Bu adam biziň gahrymanymyz bolmaga mynasyp adammy?» Akmyrat bilen bile bolsaň, wagtyň nähili geçenini duýman galýardyň. Gije birçene baran hem bolsa birek-birekden aýrylyşasyň gelmez.

Ol gezelenç etmekden ýadamazdy. Leningraddan göçüp gelensoň, ol Türkmenistanyň ähli obalaryny, şäherlerini, etraplaryny görüp çykmak isledi. Paustowskiniň «Garabogaz» atly powestini okap, gaty köp zatlary öwrenip boljakdygyny, otuzynjy ýyllarda Moskwadan ýazyjylar toparynyň Türkmenistany öwrenmek üçin ýörite gelendiklerini, netijede gowy eserleri döredendiklerini, biziň bu aňrysy-bärisi görünmeýän ymgyr baý

Türkmenistany edil bäş barmagymyz deýin bilmegimiziň zerurdygy barada janygyp-janygyp gürlärdi.
9-njy maý – Ýeňiş güni daňdan altylarda arkasy goşhaltaly öýüme gelipdi.
– Mäne baba zyýarata gidip geleli. Şol ýere gitjek bir maşyn tapdym. Derrew geýin, gideli. Heweran düzlüginde edil Mäne baba deýin aýakýalaň ylgaly. Goý, biziňem aýagymyza ýandagyň tikenleri çümsün.
Al-elwan güllere çümüp oturan Heweran düzlügini görmäge göz gerekdi. Akmyrat jagrama çöpläp ýörşüne aýagyna çümýän tikenlere heziller edip begenýärdi.
– Men türkmenligime biçak guwanýaryn. Edil daş ýaryp duran ägirt beýik zehiniň bolmaýanda-da, dünýä edebiýatynda ullakan orun almagymyza hemaýat berip biljek ajaýyp taryhymyz, ajaýyp şahsyýetlerimiz bar. Şol taryhymyzy, şahsyýetlerimizi dünýä okyjylaryna ýetirip bilsek, dünýä diňe türkmen edebiýatyny okar. Mäne baba-da, Nedir şa-da taýýarja gahrymanlar. Türkmen taryhyny okasaň, taýýarja romanlar görnüp dur. Mäne baba hakdaky taryhy maglumatlaryň üstüne, Nedir şa hakdaky taryhy maglumatlaryň üstüne hiç zat goşjagam bolmaly däl, diňe çeper dilde beýan edäýmeli. Etdigiň, Şöhratyň özi dumly-duşdan goş-golamy bilen ymykly göçüp geler. Hudaý bize ömür bersin-de, romany bizden alsyn.
Akmyrat Mäne baba, Nedir şa biçak guwanyp, edil okyjylaryň öňünde çykyş edýänden bolup, sesine nazym berip gürlärdi. Mäne baba, Nedir şa ýaly şahsyýetleriň türkmeniň taryhynda köpdügine buýsanardy.
Ol egnine goşhaltasyny atyp, Hazar deňziniň boýnundan Aşgabada pyýada gelipdi. Özem iki aýlap ýol ýöräp gelipdi. Onuň bu bolşuny köpler geňläpdi. «Sen işsiz adam-da. Näme etjegiňi bilmän, ygyp ýörsüň» diýip, oňa igenmek igenipdik. Ol bolsa, Balkan welaýatynyň taryhyny, taryhy ýadygärliklerini bize joşgun bilen gürrüň berýärdi. «Türkmen topragynyň her daban ýerinde aýak yzyň bolmasa, sen hakyky ýazyjy dälsiň» diýip, ol gara çyny bilen janygýardy. «Ýewropadan gelip, türkmen topragyny öwrenip, dünýä ýaýýarlar. Özem dünýä okyjylaryny aňk edýärler. Bizem olaryň diýýän zatlaryny bilmesek, türkmen

adyny götermek hem aýypdyr» diýýärdi. Onuň niýeti Daşoguz, Lebap, Mary, Ahal welaýatlarynyň taryhy ýadygärliklerini paýupyýada aýlanyp görmekdi. Ýöne oslagsyz gelen ajal Akmyrady ol maksadyna ýetirmedi.

Ol Orsyýetiň gaty kän ýerlerini aýaly Lýudmila bilen pyýadaja aýlanyp çykandygyny, derwüşlik edendigini, käteler azyksyz, suwsuz kösenendigini şeýle bir janygyp gürrüň bererdi. Onuň eden işleri, derwüşligi biziň üçin erteki ýalydy. Ýöne onuň gürrüňleri erteki däldi, hakykatdy. Ol Türkmenistana pyýada aýlanyp çykyp, adamlary öwrenip, iň gowy eserlerini ýazmaga girişmekçidi.

Ol çyn, hakyky edebiýatyň nämedigini juda oňat bilýän adamdy. Edebiýatyň sungat hökmündäki aýratynlyklaryndan gaty oňat baş çykaran Akmyrat öz eserlerini-de ýokary edebi derejede ýazmaga çalşypdyr. Onuň eserleriniň biziň aňymyzyň hem gözümiziň öwrenişen teoriýasyna asla gabat gelmeýänligi faktdyr. Men bu hakda soňrak eserleriň edebi özboluşlylygy bilen baglanyşykly has anyk gürrüň ederin. Häzirlikçe bolsa döwrümiziň meşhur edebiýat teoretigi hem tankytçysy Jora Allakowyň şu sözlerini getiresim gelýär. «Akmyrat Şirow edebiýata onuň demir-polat teoriýalaryny öwrenip, öwrenenden soň hem olary ret edip, külpeýekun edip ýykyp girdi. Eserine özi teoriýa döretdi. Türkmen edebiýatynda entek görlüp-eşidilmedik iş bitirdi. Ol türkmen edebiýatyna öz teoriýasy, öz dünýä görüş-duýuş bilen girdi…»

Ýok, professoryň bu sözleri ýogalana nebsi agyryp, oňa dözümsizlik edip, islendik merhum babatda-da aýdylýan «ol gowy adamdy» diýen sözlere meňzeş badyhowa öwgi däl. Bu sözler Akmyradyň döredijiliginden aňly-başly habarly, baş çykaryp bilýän adam üçin sadaja hakykatdyr. Olar diňe şondan bihabar adam üçin mahabatlandyrma bolup eşidilmegi mümkin. Ýöne men Akmyradyň şeýle bahalara mynasypdygyny ýalandan tassyklajak bolmakdan müň menzil daşdadyryn. Akmyradyň muňa – beýle gerekmejek «hossarlyga» asla mätäç däldigini bilýärin. Meniň ýüregim suwluja. Sebäbi men professoryň edil haýsy nyşanadan urýandygyny bilipjik otyryn.

Hawa, gürrüň edebiýat teoriýasynyň ýöne-möne, onunjy derejeli kanunlary barada däl-de, gep esasy ýörelgeleri barada gidýär.

Ýekeje meseläni ýatladaýyn, agzaýyn. Edebiýat teoriýasynyň demir-polat kanuny diýip ýöne ýere aýdylmandyr. Akmyradyň eserleriniň köpüsinde ideýa, sungatyň dünýä akyl ýetiriş funksiýasy ýaly edebiýat teoriýasynyň, hatda umuman estetikanyň demir-polat kanunlaryna gaty güýçli zarba urulýar. Bu meselede Akmyrat biziň häzirem gollanyp ýören, hatda entek-entekler dogrudyr öýdüp gezjek pikirlerimizi birmahal inkär etdi. Onsoň onuň pikirleriniň bizden näderejede öňe gidendigini çaklaýmak kyn däldir.
Akmyradyň erudisiýasy, okumyşlygy meni hemişe-de haýran galdyrardy. Gürrüň haýsy ugurdan gitse gitsin. Akmyrat şol ugurdan «Akademik eken-ow» diýdirmegi başarýardy. Ol sözüň hakyky manysynda janly ensiklopediýady.
Bir gezek kimdir birininňkide otyrdyk. Gürrüň şamala hakda gitdi. Biziň şamala hakda bilýän zatlarymyz ýüzleýdi. «Ine, Akmyradyň gerek ýeri» diýip, men ony ýatladym. Sebäbi ol şamala ýoluny diýseň gowy görýärdi, bu ýola berlendi, özem şamalaçylyk hakda gürlemäge höwesekdi. Gije sagat on ikiden geçen-de bolsa, biz Akmyradyň öýüne jaň etdik, ony ukudan oýaryp şamalaçylyk ýoly hakda gürrüň bermegini haýyş etdik, ol biziň nirede oturandygymyzy sorapdy, soňam bir sagatlap şamalaçylyk ýoly hakda gürrüň berdi. Onuň gürrüň beren zatlaryna haýranlar galdyk, şondan ýarym sagat geçmänkä, oturan ýerimiziň gapysynda Akmyrat dur: «Şu gijäni şamala bagyşlalyň» diýip. Iň gowy görýän ýoly bolansoň, Akmyrat şamalaçylyk hakda ýene örän köp «leksiýa» okady. Daňdan bäşlerde öýe gaýtdyk. Ol adamlaryň ylym bilen gyzyklanýandygyna begenip, guş bolup uçup gelýärdi. Akmyrat pikir alşyp, daňdana çenli oturyşmagy gowy görerdi.
2. Intelligentlik. Akmyradyň bizden beýle öňe gitmegini diňe onuň biçak okumyşlygy, intellektiniň bimöçber ösenligidir diýmek hakykatyň entek birje ujuny aýtmak bolardy. Onuň ata-babasyndan geçip gelen salyhatly intelligentligini-de munuň üstüne goşmak gerek. Arman, biz köne türkmen intelligensiýasynyň görüm-görelde, inim-çykym düzgünlerinden, şol ruhy aristokratiýanyň ruhy medeniýetliliginden bihabar galdyk. Akmyradyň eserlerinde, ýatlamalarydyr makalalarynda,

özara mesaýy gürrüňlerinde babasy Hal Sopynyň belent intelligentlik keşbini bada-bat saýgaryp bolýardy. Hawa, beýle medeniýetlilik hatda genileriň derejesindäki hadysa bolup, ol hatda ganyň üsti bilenem geçýärmikä diýip durun. Biziň asyrymyzdanam öň, XIX asyrda-da türkmen topragynyň medeniýet, ylym, sungat, dünýägaraýyş babatda ösen künjekleriniň biri bolan Lebapda nähili şahsyýetleriň ýaşap geçendigini ýaňzydaýmak ýeterlik. Zynhary, Allahy, Şüküri, Nyýazguly Halypa – men bu dört äriň adyny ýöne ýere tutamok. At tutuljak bolsa başga-da kişiniň az däldigini okyjy eýýäm aňlap oturandyr. Şu dört adam hut intelligentlik, köne türkmen intelligensiýasy hem intellektual güýçleri hakdaky gürrüňiň arasyna ýöne ýere goşulanok. Siz bularyň ylmy hem çeper eserlerini okasaňyz, olarda öz döwrüniň intelligentlik hem intellektual kuwwatynyň jemlenendigine oňat göz ýetirip bilersiňiz. Arman, bizde köne türkmen intelligensiýasynyň ýaşaýyş obrazyny, dünýägaraýşyny hem ömür ideallaryny, olaryň akylynyň forma aýratynlyklaryny öwrenýän alym ýa kişi ýok. Ýöne bu meseläni men Akmyradyň öz beýik derejesine tötänlikde ýetmändigini görkezmek üçin ýatladym.
Türkmende «asyl» diýen bir çuňňur ylmy esasly ýörelge, jemgyýetçilik psihologiýasynyň berk kanuny bar. Her bir uly hadysa «asyl» bilen düşündirilýär. «Pylanynyň asly bar» diýilýär. Munuň özi türkmen ruhy aristokratiýasynyň edil Günbataryň intelligensiýasynyňky ýaly öz ýörelgeleriniň bolandygyny, onuň bir özboluşly iňňän ýokary medeniýetli siwilizasiýasydygyny görkezýän faktordyr. Hawa, Akmyradyň asly bardy. Ol Russiýa gidip, ýurt söküp ýazyjy, adam boldy diýip pikir etmek ýöntemlikdir. Onuň kökleri, asly ony alyslyklara ugradypdy, dünýä edebiýatyna ulaşmak diňe şol köklere iýmit beripdi, onuň şahsyýet daragtynyň şaha ýaýratmagyna, miwe çykarmagyna goltgy beripdi. Umuman, köne türkmen intelligensiýasy gyzykly tema, ýöne bu temadan gürrüň etmek üçin intellektual gaýrat gerek.
Akmyrat aşa sypaýy ýigitdi. Özem kaşaň geýnerdi. Onuň egin-eşikleri onuň uzyn, syrdam boýuna diýseň gelşerdi. Ýönekeý eşik geýse-de, şol eşige özboluşlyja bir gelşik çaýylýan

ýalydy. Ol ähli kişä ýagşylyk etmek isleýärdi. Kimdir biriniň möhüminiň bardygyny eşitse, iýip oturan çöregini goýup, şol kişiniň işini bitirmek üçin ylgardy.

Ol hiç kime ýok diýip bilmezdi. Şonuň üçin hem köplenç oňaýsyz ýagdaýa düşerdi. «Hojambaz etrabynda kim kesellese, Aşgabada Akmyradyň ýanyna gelýär» diýip, onuň üstünden gülerdik. Sebäbi ol köplenç eli okaraly, çäýnek-käseli bolardy. «Bularyň näme?» diýip sorasak, haýsydyr bir keselhanada ýatan näsag kişiniň yzyndan tagam eltip gaýdandygyny aýdardy. Akmyrat gaty köp adamyň keselhana ýerleşmegine, sagalyp gitmegine kömek edipdi. Iň soňky gün onuň özge kişiler üçin gatnan keselhanasyna Akmyradyň özi üçin bardyk. Özgelere em eden lukmanlar Akmyrady ajalyň elinden alyp galyp bilmändiler.

3. Duýgurlyk. Ýazyjyny ýazyjy edýän diňe bir paýhas däl, eýsem ýürek hem duýgurlyk. Soňky zat bolmasa, ýazyjy bolup döredijilige başlan kişileriň soňlugy bilen edebiýaty öwrenijä öwrülip gidişini kän gördük. Akmyrat özüniň döredijiligi bilenem, sungat hem döredijilik hakyndaky täsin pikirleri bilenem edebi jemgyýetçiligimizde düýpli ornaşan, sarsmaz binýatlar hökmünde ýaşan, häzir hem ýaşaýan edebi garaýyşlara berk zarba urdy. Biziň edebiýat ylmymyz wulgar-kommunistik düşünjelerden binýat tutunansoň, durmuş hem sungat, döredijilik hem ýaşaýyş meselelerinde pikirleriniň garyplygyndan, telperliginden kösenip gelýär. Sebäbi ol taryhy ýaşaýşyň synaglaryndan geçip bilmedik ejizje dünýägaraýşa – marksistik ideologiýa esaslanýardy.

Akmyradyň şahsyýetiniň bütin çylşyrymlylygyna onuň şahyrana hem pelsepeçil kalbynyň haýran galdyryjy köpowazlylygyna, onuň ruhunyň biziň reňksiz, birsydyrgyn durmuşymyz üçin näderejede üýtgeşikligine göz ýetirmek isleseň, ýazyjynyň «Gündeliklerine», «Ýazgy depderçelerine» göz aýlamak gerek. Okyjyny bir zarbada haýran edýän bimöçber okumyşlygyndan başga-da, ýaşaýşa ruhy gaýduwsyzlykdan gelip çykýan ynam, ýaşaýşa hyruç, şol ýaşaýşyň täsin ýüze çykmalaryny inçelik bile syzyp bilmek ýaly köňül artykmaçlyklary ony biziň sungat adamlarymyzyň içinde aýratyn bir şahsyýet edip goýýar. Bu şahsyýeti belende göterýän, ony ruhy hem edebi kämilligiň

çürbaşyna ýetirýän zat, meniň pikirimçe, onda şu üç zadyň – ýazyjy bolmak üçin «deregi ýykýan gerek» zadyň jemlenmegidir: intellekt, erudisiýa hem instinktiw, has dogrusy, intuitiw duýgurlykdyr. Erudisiýa – okumyşlyk, munuň aňyrsynda adamyň belli bir zada düşünmek höwesi, islegi hem maksada okgunlylyk ýatýar, ýöne okumyşlygyň esasynda okalan kitaplaryň, agtarylan sahypalaryň mukdarynyň barlygyna garamazdan, okumyşlyk hil görkezijidir, çünki erudisiýa intellektual ukyplary Hudaý tarapyn berlen şahsyýetde toplanyp, ýygnanyp bilýär. Intellekt – akyl-paýhas ukyplary, intellekt – süzgüç, intellekt şahsyýete okan zatlarynyň içinden çäjini harpykdan saýlamak üçin Hudaýyň beren guraly. Ýöne ol süzgüç, ol saýlaýyş intellektiň işiniň birinji ýarymydyr. Esasy gep onuň ikinji ýarymyndadyr. Okalan, görlen zatlary öz kalbyň simmetriýasyna diýjekmi, gurluş ýa şekil aýratynlyklaryna diýjekmi – laýyklykda ýerleşdirip, ulgamlaşdyryp, dünýäniň özünden öň hiç kim tarapyndan berilmedik «suratyny», «görnüşini» döretmekdir. Biziň milli aň hem ruhy ýaşaýşymyzyň il ýüze tutarlyk, çorba çykarlyk wekilleriniň hemmesi diýen ýaly intellektiň şol birinji basgançagynda togtan kişilerdir. Onuň hem sebäbi olarda ruhy şahsyýeti gutarnykly edýän instinktiw ýa intuitiw ukyplaryň kemterlik edýänligidi. Intuisiýa intellektiň saýlan, süzen toplumyny tertipleşdirmegiň, esasy zady özende goýmagyň, ilkinji hem soňky birlikleri ýerbe-ýerleşdirmegiň, şeýdibem, real, janly durmuşa onuň edil özi ýaly ýaşaýşa, janlylyga ukyply alternatiw öňli-soňly, belentli-pesli, özenli-gabykly «dünýäni» döretmegiň ryçagy bolup çykyş edýär. Şeýdibem, şahsyýet bitewüligi, täze döredijilik naturasy kemala gelýär. Akmyradyň döredijilik şahsyýetiniň bitewüliginden syzylyp çykýan ideýalary sungatyň, durmuşyň hem adam ýaşaýşynyň düýpli meseleleri babatda özboluşly konsepsiýalar bolup durýar, olar tötänleýin ýada howa gysymlan ýaly pikirler, ýarym-ýalta ýa-da ýary bişen, ýary bişmedik pikirler däl-de, degişli meselä garaýyşlaryň ulgamy düýpli, binýatly pikirler bolup durýar. Elbetde, meniň bu pikirime Akmyrat Şir aňly-düşünjeli, maksatnamalaýyn işlenen filosofiki ýa gaýry bir ulgamy işläp düzüpdir diýen manyda düşünmeli däl. Ol beýle zady asla özüne

maksat hem edinmändir. Gep onuň pikirleriniň, garaýyşlarynyň özakymlaýyn tötänlik, bu gün birhili, erte başga hili öwsüp duran baş-başdaklyk däl-de, ýokary intellektual derejede işlenilen yzygiderlilikdigi hakda barýar.
Akmyrat özüniň çeper döredijiliginde-de, sap intellektual döredijiliginde-de sungatyň düýp meseleleri barada kelle döwüp oýlanan adam. Edil şu faktyň özünde-de biz onuň şahsyýetiniň gabarasyny hem gymmatyny görüp bilýäris: uly adamlar uludan ýapyşýarlar, olar özene, düýbe ymtylýarlar. Ýogsa-da, çeper hem çeper däl döredijilikleriň arabaglanyşygy, mynasybeti meselesinde, gepiň gerdişine görä, bir zady aýdasym gelýär. Adatça, kimdir biriniň döredijiligi barada gürrüň, özem çynlakaý hem düýpli gürrüň gidende onuň eserlerini düşündiriji, şol ýerdäki syrlary açyjy zat hökmünde onuň şahsy ýazgylaryna, gündeliklerine ýüzlenýärler. Şunuň bilen baglanyşyklylykda, «ýazyjynyň döredijilik laboratoriýasy» diýen manyly hem durnukly aňlatma-da emele gelipdir. Onsoň Akmyradyň döredijiliginiň iki formasynyň mynasybetinde şeýle bir aýratynlygyň üstünden bardym: bu ýerde «ýazgylar», «gündelikler» çeper eserleri näderejede düşündirýän bolsa, çeper eserlerem öňküleri şol derejede, hatda, ondanam içgin, gutarnykly düşündirýärler. Edebi şahsyýetiň şol bölekleriniň arasynda illerdäki ýaly iýerarhiki gatnaşyk, ýagny bu – birinji, ol ikinji derejeli diýilýän gatnaşyk däl-de, deň derejelilik bar eken. Munuň özi Akmyrat Şiriň ylmy dilde aýdanyňda, filosofiýasynyň hem estetikasynyň esasy aýratynlyklarynyň birini görkeziji faktdyr: Akmyrat üçin «gündelik», «ýazgy» hem edil çeper eser ýaly, belki, hatda ondan-da beter, öz-özüni kämilleşdirmegiň usulydyr, içiňi daşyňa çöwürmegiň, daşky dünýäni bolsa içiňdäki formalar arkaly görkezmegiň usulydyr.
Akmyrat üçin «ýazgy depderçesi» kömekçi hojalyk, döredijilige taýýarlyk däl, ol döredijiligiň hut özi.
Onuň üçin «gündelikler» çeper eseriň «garalamasy» däl, olar döredijiligiň hakyky özge bir formasyna berimsiz, tagamly bir ajaýyp formasy.
Ýöne bu gawun käselenişi ýaly, abzasma-abzas käseläp nygtaýan

pikirleriň ýazyjynyň döredijiliginiň estetikasyna – döredijilik-gözellik kanunlaryna görä eseriň ýasalyşyna degişli, munuň filosofik dünýägaraýyş bilen haýsy köpri arkaly galtaşygy bar?» diýip, şu ýere ýetenimde men özümden soraýaryn.

4. Ýokary ahlaklylyk. Akmyrat Şir imanly ýaşan ýigit. Awtor hemişe, her pursat öz depesinde Hudaýyň nazaryny duýup dur. Sogap iş edende-de, ýalňyşanda-da, ýokary göterilende-de, büdräp, öz ejirli pikirleriniň astynda galanda-da, ol öz üstünde Hudaýyň nazaryny duýýar.

Iman Hudaýa ynanmagyň, ykbala eýermegiň prinsipi.

Prinsipsiz ýazyjynyň döredijilik «meni» ikä bölünýär: serişdä, taýýarlyga hem ahyrky maksada, netijä, garalama hem aklama.

Türkmen dilinde: «Onuň bolşy aýdan düşen ýaly», «Ol bu dünýäniň adamy däl ýaly» diýen aňlatmalar bar. Ana şol aňlatmalar Akmyrada degişlidi. Ol ýüzüne her bir ýylgyryp bakan kişisini dogany, dosty saýardy. «Her bir ýüzüňe ýylgyryp bakandan mähremlige garaşma» diýip, oňa kän gezekler aýtmaly bolupdy.

Onda bu sözi aýtmaly däldir-ow diýen pikir ýokdy. Ol iň gizlin saklanmaly syrlaryny mekge patrak deýin pytradyp goýbererdi.

Öz ýüregi ak, päkize bolansoň, Akmyrat ähli kişini hem akýüreklidir öýderdi. Özi belent ahlakly ýigit bolansoň, Akmyrat iş salyşýan ähli kişisini hem edil özi deýin belent ahlaklydyr öýderdi.

Akmyradyň bu sadalygyndan köpler elpe-şelpelik bilen peýdalanardylar. Ol her kim bilen saçakly gatnaşmak islärdi. Aýaly Lýudmilany, gyzy Aýnany, ogly Magtymy (Magtymguly) yzyna tirkäp, sulhy alan kişisiniňkä barardy. Soňam baran öýüniň eýelerini myhmançylyga çagyryp gaýdardy.

Ol aýal-gyzlara mukaddeslik hökmünde garardy. «Türkmen gelin-gyzlary deýin owadan, asylly maşgalalar dünýäniň hiç bir ýerinde-de ýokdur. Biz öz gelin-gyzlarymyzy depämize götermeli» diýip, buýsanç bilen aýdardy.

Magtymguluda käte gerek ýerinde zyýansyz ýalan sözüň hem ýagşydygy aýdylýar. Ine, Akmyrat şol pikire uýup bilenokdy.

Käte şeýle bir ýagdaý bolýar: hakykaty aýtsaň, işiň bitjek

däl, saňa goraýyş üýtgejek, ýöne hakykaty ýaşyryp, sypaýyçylyk saklanyň bilen hiç kimiň çekýän zyýany ýokdur. Dymsaň, işiň bitjek, ähli zat gülala-güllük boljak. Şeýle ýagdaýda Akmyrat dymmazdy, hökman ähli kişini oňaýsyz hala saljak ýagdaýy çintgäp-çintgäp aýdardy. Onuň sözüni eşitmezlige salarlar. Akmyrat welin, ýene aýdar. Men Akmyradyň bu häsiýeti gowy diýen pikir bilen ýatlamok. Ýok, men Akmyradyň şu häsiýetini asla halamaýardym, häzirem halamok. Öz aýagyna bile-göre palta urup ýören adama nähili baha berjek?! Akmyrat ýaşan manyly ömründe beýik ahlaga gulluk edip, öz aýagyna palta urup ýaşap geçdi.
Akmyradyň dünýägaraýşynyň möhüm bölegini tutýan sufizmiň termini bilen aýdylanda, adamlar işjeňligi boýunça iki topara – has we aam adamlara bölünýärler: aam adamlar diňe beden ýaşaýşyny dowam edýärler, olaryň «meni» ýok, olar öz nesilleri üçin «garalama», nesillerem soňky nesiller üçin «garalama», şeýdibem tä ahyrzamana çenli. Munuň sebäbi olaryň ýaşaýşynyň depäňde duran Hudaýa laýyklyk prinsipinde gurnalmanlygy.
Aam ýazyjynyň maksady öz «men-menligini» kanagatlandyrmak, şöhrat, at-abraý gazanmak. Şonuň üçinem olaryň «garalamasy» bar, asyl olaryň «aklamasy-da» «garalamadyr», ýagny olaryň ahyrky maksady-da serişde bolup durýar.
Has ýazyjy üçin «garalama» ýok, ol imanda hem ynsapda, pikirde hem ýaşaýyşda hudawy ölçeglere ymtylýar. Döredijilik onuň üçin oýun hem däl, serişde hem däl. Şonuň üçinem ol janyny-ömrüni, bütin ýaşaýşyny orta – ak kagyza goýýar. Şeýdibem, çeper döredijiligiň «hylwaty» görnüşlerine – «gündelige», «ýazgylara» gol ýapýar.
«Hylwaty» sözüniň ýekelik, ýalňyzlyk manysy bolsa-da, biziň edil häzirki çeper aňymyzda bu düşünje gurluş taýdan çylşyrymlaşypdyr, başgaça aýdanyňda, iki gat, has dogrusy, ikigat bolupdyr. Biziň klassyky sopuçylyk edebiýatymyzy alanyňda-da, Akmyradyň döredijiligini şu nukdaýnazardan ylmy umumylaşdyranyňda-da, «hylwaty» çeper görnüş – munuň özi diňe awtoryň däl, eýsem Hudaýyňam barlygyny, ýagny ýekeden köp barlygy öz süňňünde saklaýan çeper görnüşdir.
Akmyradyň eserleri aňynda sungata utilitaristik garaýyşlar

bolan okyja hiç zat berip bilmez. Sungata utilitaristik garaýyş sungatyň düýp manysy hem maksatlary babatdaky esasy tezisleriň gödek düşünilişini aňladýar. Ol düşünjede sungat ideýaly bolmalydyr diýen tezis çeperçilik ideýa gurban edilmelidir diýen manyny berýär, sungat adamlara hyzmat etmelidir diýen pikire sungat syýasy doktrinalaryň çeper eşiklerde görkezilmesi diýen manyda düşünilýär, sungat adamlary terbiýelemelidir diýlenden bolsa ol akyl satmalydyr diýen many çykarylýar. Sungat dünýä akyl ýetirmäniň bir ýoludyr diýen tezisi bolsa çeper eseri filosofik ýa ylmy maksatlaryň öýjügi hökmündedir diýen manyda göz öňüne getirýär, şeýdibem, ylym hem filosofiýa bilen sungatyň arasyndaky gyldan inçe, gylyçdan ýiti serhedi ýok edýär. Garaz, bir söz bilen türkmençeläp, medeniýetleşdirip aýdanyňda, sungatyň enesi üwrelýär.

Elbetde, Akmyrat Şir öz ruhy şahsyýetiniň ýüze çykyş görnüşi boýunça filosof hem däl, sungaty öwreniji ýa edebiýatçy hem däl. Ýöne ol uly ýazyjy hökmünde baryp 70 – 80-nji ýyllarda utilitarizmden ýüz öwrüp, özi üçin bütinleý täze edebi-teoretiki garaýyşlaryň ulgamyny edinipdir. Ol garaýyşlar onuň çeper eserlerinde-de «hylwaty» ýazgylarynda-da ýaşaýar. Şeýlelikde-de, ol türkmen intelligensiýasynyň umumy estetiki ösüşinden birki çakrym menzil öňde barýar.

Garaýyşlary diňe beýniden däl, ýürekden çykýanlygy, kitap bilen däl, durmuşyň özi bilen utgaşmasyndan nikalaşmadan döränligi bilen kalbyňa üýtgeşik nur çaýyp gidýär. Şu manyda-da Akmyrat türkmeniň ruhy awangardynda duran ýazyjydyr.

Ine, şeýle garaýyşlaryň bir mysaly. «Iskusstwo služit umileniýu. W umilenii, e wtom mydelenii duşi, takaýa že potrebnost, kak w sudorogah orgazma. Umileniýe wyzymaýetsýa ostrym oşşuşeniýem žizni. Oşşuşeniýa wyzymaýutsýa hudožestwennimi obrazami.

Iskusstwo ne stol želaniýe duşi, skol-ploti». Şu bary-ýogy bäş sözlemde sungatyň adama edýän täsiriniň düýp manysy açylyp görkezilýär. Sungatyň güýji onuň adam psihikasyna hem psihologiýasyna edýän täsirinde ýüze çykýar. Men ýöne ýere şu pikiri rus dilinde almadym. Sebäbi «dil» meselesine düşünmegiň

iki ýoly ýa-da basgançagy bar. Birinji – munuň özi dile lingwistik manyda düşüniliş. Elbetde, bu bäş sözlemi türkmeniň bäş sany degişli sözlemi bilen terjime-de edip bolardy. Ýöne, birinjiden, her bir sözüň türkmençe ekwiwalentini, ýagny türkmen aňynda, düşünjesinde edil şu terjimeden öň işlenilip taýýar edilen taýyny tapaýmak birbada görnendäkisinden has çylşyrymly zatdyr. Aýdaly, ýokarky pikirde esasy söz bolup duran «umileniýe» düşünjesi bar. Şony türkmen diline nähili geçirjek?
Rus diliniň sözlüginde «Umileniýe – nežnoýe çuwstwo, wyzymaýemoýe çem-nibud trogatelnym» diýip düşündiriş berlipdir. Eýse «näzik duýgy» diýjekmi? Bü-ýä terjime däl-de, düşündiriş bolardy, özem many taýdan asla-da hutma-hut gabat gelmezdi, sebäbi «umileniýe» islendik näzik duýgy däl-de, onuň anyk bir görnüşi ahyryn. Galyberse-de, edil şonuň ýaly «organizm», «žizn», «oşşuşşeniýe žizni» ýaly ýene-de birnäçe türkmen dilinde edil şu kontekstde aňladýan manylary babatda taýýar jübüti bolmadyk düşünjeler bar. Galyberse-de, islendik pikir, onda-da çylşyrymly hem-de köpöwüşginli pikir sözde hem sözlemde däl-de, olaryň arabaglanyşygynda ýaşaýar. Diýmek, diňe türkmençe sözleri däl, eýsem şo hili edip baglanyşdyranyňda emele geljek pikir ekwiwalentini tapmaly. Ýöne şonda-da terjime ýerine düşdi diýip ynamly aýdyp bolmaz. Sebäbi her bir milli aňyň öz işleýiş aýratynlygy, usuly hem-de öz gözükmeleri, öz wajyplyklary bolýar.
Hawa, sungat adamyň kalbyna ýiti duýgy salýar, onuň kalbyny «göwreli» edýär. Akmyradyň beýikligi şu ýerde sungatyň tene täsir edijilik ukybyny açyp bilenliginde. Has dogrusy, ten bilen kalbyň reallykda bitewülikdigini ýaňzydyp bilenliginde. Ol özüne mahsus inçelik bilen sungatyň hem adamyň arabaglanyşygynyň gaty inçe taraplaryna ünsi çekýär.Beýle inçelikleri öwrenýän birgiden ylma «döredijilik psihologiýasy» diýilýär. Asyrymyzyň beýik rus psihology L. S. Wygotskiý özüniň «Sungatyň psihologiýasy» diýen ajaýyp işinde filosof Benedikt Spinozanyň şu sözlerini epigraf hökmünde getiripdir: « Togo, k çemu sposobno telo, do sih por nikto ýeşýo ne opredelil… No, goworýat, iz odnih liş zakonow prirody,

poskolku ona rassmatriwaýetsýa isklýuçitelno kak tesnaýa, newozmožno bylo by wywesti priçiny arhitekturnyh zdaniý, proizwedeniý žiwopisi i tomu podobnogo, çto proizwodit odno tolko çeloweçeskoýe iskusstwo, i telo çeloweçeskoýe ne moglo by postroit kakoý-libo hram, ýesli by ono ne opredelýalos i ne rukowodstwowalos duşoýu, no ýa pokazal uže, çto oni ne znaýut, k çemu sposobno telo i çto možno wywesti iz odnogo tolko rassmotreniýa ýego prirody…» Spinozanyň geniallygyna söz ýok, ýöne eger Wygotskiý öz kitabyny asyrymyzyň 20-nji däl-de, 80-nji ýyllarynda ýazan bolsa, onuň kitabyna epigraf bolup Akmyradyň ýokarky pikiri-de oňat hyzmat edip bilerdi. Sebäbi Spinoza bilen deňeşdirme aspektinde alanyňda, Akmyrat taýagyň ikinji ujuna ýapyşýar. Filosof döredijilik psihologiýasy, teniň döredijilik ukyby hakda gaty ýiti paýhas bilen ýazan bolsa, Akmyrat okyjylyk psihologiýasy, teniň okyjylyk ukyby hakda inçelik bilen aýdypdyr. Galyberse-de, Wygotskiý öz kitabynda meseläniň hut ikinji tarapyna esasy orun hem agram berýär. Bir aýdylmaly zat – filosofyň sözlerinem, ýazyjynyň pikirinem kalbyň ýaşaýşynyň awtonomlygyny inkär etmek, ideýanyň başlangyçlygyny inkär etmek manysynda däl-de, tendir kalbyň arabaglanyşygynyň biziň, adatça, «mehaniki» göz öňüne getirişimizden, şol bir wagtda-da teniň ýaşaýşynyň biziň bilşimizden has çylşyrymly zatdygyny ykrar etmek manysynda kabul etmelimikä diýýärin.

Teniň ýaşaýşy! Rusça «žizn tela» bolýar. Onam ýene türkmençä «teniň jany, janlylygy, diriligi» diýip hem geçirip bolýar. Teniň jany! Hem kanunalaýyklyk, hem paradoks. Eger bir jümläni seýdibem öwürip-çöwüreniňde geň-taň täzelikler, hakykatyň täze bir «künçjagazyny» ýagtyldyp gidýän kanunalaýyklyklygy inkär edýän däl-de, onuň üstüni ýetirýän paradokslary alyp bolýan bolsa, onda tutuş iki sany milli dil möçberindäki öwrüm-çöwrümler dagy nämeleriň üstünden elterdi?! Ine, meniňçe, Akmyradyň döredijiliginiň gudratyny şu çatrykdan gözlemeli. Onuň döredijiligi türkmen kalbynyň rusça gep urmasydyr. Onuň eserlerini okanyňda, ylaýta-da terjime edeniňde, hökman şu beýik hakykaty göz öňünde tutmaly.

Teniň elinden geljek zatlar. Özümde-de oňat bildirýär weli,

bir gezek belli režissýor Kakajan Aşyrow nygtandan soň, hasam ýüregime bir pikir ornaşdy. Ol «kyrk ýaşdan geçeniňden soň türkmen mukamlary aýratyn inçe täsir edýär» diýdi. Meniňçe, şu fakt ten bile janyň arabaglanyşygyna dahylly bir zat. Saz göni duýga, tene täsir edýän sungat. Kyrkdan geçeniňden soň hem ruhy, hem fiziki energiýanyň jemlenýän ýeri bolan ýürek hem gataýar, hem ýukalýar. Gataýar – her hili ýowuzlyklara, şowsuzlyklara, şumluklara, belalara has dözümli bolýar, ýukalýar – ýaşaýşa höwesi artýar, onuň her hili tolgundyryjy ýüze çykmalaryna dözümsiz bolýar. Çünki şahsyýetiň kalplyk döwri – ýaşlyk, jahyllyk, ýerden aýagyňy üzmek, tumşugyňy göge tutmak döwri geçdi, «men» öz mekanyna – topraga golaýlaşyp ugraýar. «Her kim öz gelen ýerine dolanyp barjakdyr». Adam nostalgiýa, geçmişi bilen ýaşap ugraýar. Durmuşyň janlylygyny hemmämizden has ýiti, hem inçeden duýan, syzan Akmyratdan bir mysal:

«Dwa wospominaniýa, trewožaşşiýe zarahami, ne daýut spat – zapah otsowskogo sklada, zapah hlopkowogo polýa: wožžeý, homuta, teploý mutnoý wody, kenafowyh meşkow, fanernyh ýaşşikow, kerosinowoý lampy, peçenýa, myşeý, znameni s portretom Stalina, holodnyh seýfow, staroý muki, risa, ržawyh zapçasteý, sitsa, kolýuçek, wsemožmoňnyh zamkow, wygorewşih, propotewşih platýew…»

Ys alyş ten duýgusynyň bir görnüşi. Ýazyjyda ten derejesindäki hakyda, aňasty ýaşaýyş oýnaýar. Ýazyjynyň teninde galan täsirler oýanýar, aň astyndan aňa geçibem, kalbyň ýaşaýşyna öwrülýär. Diňe şeýle halatda özünde hakyky, janly ýaşaýşy, durmuşy saklaýan çeper eser döräp biler, sebäbi ýaşaýyş tenden başlanýar.

Adamyň ýaşaýşy – Zeminiň endamynyň sazlaşygy.

«Ten aýry – jan aýry» diýen türkmen pähimi bar. Munuň özi durmuşda ten bilen janyň aýrylmaz bitewüligini ykrar edýär. Ten – forma, jan – mazmun.

Ten tene degende, ýaşaýyş kemala gelýär.

Çagalykdan galan birwagtky täsirleriň gaýtadan jana gelmegi-de, zynjyrly reaksiýa görnüşinde ösüp-özgerip, tenden jana, jandan aňa geçip, ýuwaş-ýuwaşdan öz formalaryny tapyp, çeper

esere öwrülip gidýär. Ilki ys gelýär, soňra ol ysyň eýesi bolan predmetler, soň şol predmetleriň giňişligi hem wagty, olaryň özara baglanyşygy, soňra olar bilen baglanyşykly wakalar ýuwaş-ýuwaşdan kalbyňda galan, eýýäm indi hakyda derejesinde oňat-ýaramaz, ýagşy-ýaman diýlip bahalandyrylýan ýaşaýyş hadysalary dikelip gidip otyr.

Akmyrat kalbynda galan täsirleri öz eserleriniň predmetine öwürýär. Şeýlelikde, onuň üçin çeper edebiýatyň, umuman, sungatyň predmeti – durmuş hadysalarydyr, olaryň adam ruhy bilen «nikalaşýan» ýerleridir-pursatlarydyr. Ýazyjy hiç bir ideologik matlapsyz, öňünden kesgitlenen ideýa galyplaryny somlamazdan durmuşyň hem hakydanyň ýalpyldylaryny çeper beýan etmäge çalyşmalydyr. Şunda onuň «Proza dolžna wybrat w sebýa muzyku, kino, teatr, žiwopis» diýen sözleri juda aktualdyr. Munuň özi prozada predmetlerem, adamlaram, olaryň hereketi hem, ses-owazlary-da, ysy-da, suraty-da, garaz, adam ten duýgularyna hem hakydasyna sygyp bilýän ähli ýaşaýyş bitewüliginde dikelmelidir diýmegi aňladýar.

Akmyrat Şiriň şahsyýetiniň şahyrlyk zandynyň, ýazyjylyk ýasawynyň özboluşlylygy barada galyň kitap ýazsaň hem az. Ony gören, ýakyndan tanan adamlaryň hemmesi Akmyradyň şahsyýetinden, zandynda bir üýtgeşikligiň bardygyny bada-bat belleýärdiler. Ol bu görülýän adamlardan däldi, bu dünýäniň adamy däl ýalydy. Öz içki ruhy kämilligi bilen meşgul adam, adaty, reňksiz ýaşaýyşdan köňli kanagat tapmaýan adam özgeleriň gözüne şeýle bolup görünýän bolara çemeli. Ýazyjy Ýagmyr Hudaýgulyýew tarapyndan taýýarlanan «Akmyrat Şir» atly çaklaňja kitapçadaky ýatlamalardan çen tutsaň hem, Akmyradyň ýasawy, bolşy, pikirleri hem ýaşaýyşy özgelerden aýratyn bolup dur. Ony oňat tanan, özi-de sowatly, özboluşly şahsyýet bolan ýazyjy Aleksandr Gowberg şeýle ýazypdyr: «Onuň «Toýundan ýaradylan oglan», «Merýem we Baky», «Erem bagy», «Aýyň astyndaky duşuşyklar»… powestlerini okap görüň! Akmyradyň dost-ýary, tanşy näçe köpem bolsa, ruhy dünýäsinde ol ýalňyzdy. Döredijilik – ýalňyzlygy ýeňmek üçin ýeke-täk mümkinçilikdi. Ol kagyza başga hiç kimiň ýanynda aýdyp bilmeýän ýürek yzasyny, duýgularyny ynanyp bilýärdi. Bir gezek

Akmyrat ýazan wagty hiç zady oýlap tapmaýandygyny, özi bilen nämeler bolanyny ýatlaýandygyny aýtdy».

Käbir adam bilen nähili ýagdaýda tanşandygyň ýadyňda galmaýar. Ýöne Akmyrat Şiri ilkinji gezek görşüm edil şu günki dek ýadymda galypdyr. 1983-nji ýylda ýaş ýazyjylaryň Bütinsoýuz maslahatynda Moskwada Akmyrat Şiri örän geň ýagdaýda gördüm.

Biziň bilen Moskwa maslahata giden Ýagmyr Hudaýgulyýewiň ýanynda sakal-murtuň derdinden ýaňa ýüzi oňly görünmeýän uzyn boýly, syrdam ýigit nämedir bir zady janygyp düşündirýärdi. Biziň Aşgabatdan baran toparymyzyň içinde ol ýokdy. Şonuň üçinem men ony türkmendirem öýtmedim. Asyl ol ýazyja däl-de, derwüşe meňzeýärdi. Sebäbi onuň sag egninden ullakan horjun asylgydy. Ýazyjylaryň – intelligensiýanyň arasyna egni horjunly barmak meniň şol wagtky düşünjäme görä örän gelşiksiz zatdy. Ol ýigit meniň seňrigimi ýygryp ýakynlaşmagyma ünsem bermän, gürläp durdy.

– Jöhitler diňe sinegogalarda, hristianlar diňe kiliselerde ybadat edip bilýärler. Musulmanlaryň artykmaçlygy olar islän ýerlerinde namaz okap bilýärler. Sygryň, goýnuň içýaglary Musanyňkyda haram, Muhammediňkide halal – diýip, nätanyş ýigit türkmen dilinde gürläp dur. Nätanşyň türkmendigi meni geňirgendirdi.

– Osman, tanyş bol, öz zemlýagymyz Akmyrat Şirow – diýip, Ýagmyr Hudaýgulyýew buýsançly dillendi.

– Özi Leningradda ýaşaýar. Şol ýerdenem maslahata iberilipdir. Ýazyjylar soýuzynyň çleni. Leningradda kitaby çykypdyr. Asly hojambazly.

Akmyrat Şir diýlip, tanyşdyrylan derwüşpisint ýigit Ýagmyr Hudaýgulyýewiň ýüzüni aldy.

– Men o ýerli, ol bu ýerli diýen tire-taýpa toparlanyşygyňy halamok. Diňe zehinlileriň topary bolup biler.

Bu morta aýdylan söz Ýagmyram, menem oňaýsyz ýagdaýda goýdy. Ýagmyr oňaýsyzlygy aradan nädip aýyrjagyny bilmän, bir meniň, birem Akmyradyň ýüzüne bakdy. Akmyradyň gaty çynydy, ondan delalat tapmajagyny aňan Ýagmyr öwran-öwran ýuwdundy.

– Sen zehinlimi?

Meniň soragyma Ýagmyr hasam aljyrady. Akmyrat bilen aramyzda

sene-mene bolmagyndan howatyrlanyp, Ýagmyr howlukmaç gürledi:
– Akmyrat gaty zehinli ýigit. Ikimiz Semýon Şurtakowyň ýolbaşçylygyndaky toparda. Düýn Akmyradyň maslahata hödürlän eserlerine seretdiler. Ynan, Akmyradyň powestlerini okan ähli ýazyjy diňe öwdi. Ine, eseri şeýdip ýürejigiň bilen ýazmaly diýdiler.
Men Akmyrady täzeden synladym. Gözleri aldawçy däl. Durşuna mähir bolup dur.
– Akmyrat örän okumyş. Bilmeýän zady ýok. Dünýä edebiýatyny bäş barmagy ýaly bilýär.
Ýagmyryň bu aýdanlaryny barlap görmekçi bolýan ekzamenator ýaly, men Akmyrada sorag berip ugradym:
– Türkmen prozasyny okaýaňmy? – Men bu soragy näme üçin berendigimi anyk biljek däl.
– Türkmen prozasy rus prozasynyň kalkasy, özem usulsyz kalkasy. Onuňam sebäbi türkmen prozasyny dünýä inderen ene – rus prozasy.
– Saryhanowy okadyňmy?
– Ýok.
– Ýaşlardan kimiň eserini okadyň?
– Okamok.
– Onda esassyz gürleýäň.
– Akmyrat türkmen edebiýatyny gowy görýär – diýip, Ýagmyr ylalaşdyryjy pozisiýa geçdi.
– Mekdepde seni türkmen edebiýatyndan okadandyrlar-a?
– Okatdylar. – Akmyrat arkaýyn gürledi.
– Okap, gelen netijäň şumy?
– Men Magtymgulyny gowy görýän. Şonuň üçin ogluma-da Magtymgulynyň adyny dakdym.
– Magtymguludan başga şahyr ýokmy?
– Magtymguludan başga beýik, onuň derejesindäki şahyr ýok. – Magtymguly sözüň hakyky manysyndaky ýeke-täk şahyr. Magtymgulydan soňky şahyrlaryň ählisi Magtymgulynyň şahalary – ol ýa-da beýleki bir görnüşdäki gaýtalanmasy. Barysy Magtymgulynyň çygryndan çykyp bilenok. Ýa şeýle dälmi? Magtymguludan soňky şahyrlary okuw programmasynda Magtymgulynyň skolasynyň şahyrlary diýip öwrenmeli. Men şu

günler türkmen edebiýatynyň problemalary hakda «Sowetskaýa kultura» gazetiniň zakazy boýunça makala ýazyp ýörün.
— Leningradda ýaşap türkmen edebiýatynyň problemalary hakda ýazjak bolşuň meniň üçin-ä geň.
— Gabanýaňmy? Goraýaňmy? — diýip, Akmyrat şeýle bir yhlasly güldi. Gapdaldan geçip barýanlar bize, Akmyrada seretdiler. Onuň gaty gülmesinden, geçip barýanlaryň bize seretmesinden utandym.
— Mekdepde okaýarkak, ähli gyzlar özümiziňki ýalydy. Biz olara galkandyk. Del gözden, del sözden olary goraýardyk. Goňşy obadan ýa goňşy mekdepden bir oglan gelip gyzlarymyzyň biri bilen gürleşse, onsoň şol oglanyň gününe kyýamat gopardy. «Topar bolup, ol oglanyň daşyna geçerdik. Ýaşulularyň biri gelip «goýuň» diýýänçä, gelen oglany baý urardyg-a! Soň görüp otursam, gyzlar biziň goragymyza mätäç däl eken. Türkmen edebiýatam goraga mätäç däl. Edebiýat özüni gorap bilmeýän bolsa, ol çyn edebiýat däldir.
Akmyradyň soňky sözi aforizm bolup ýadymda galdy.

Osman ÖDE. Edebiýaty öwreniş